Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar
№65 (148) 2025-nji ýylyň 20-nji dekabry



## Hepdäniň möhüm wakalary

**10-njy dekabrda** «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Türkmenistanyň Hökümetiniň we Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň Birleşen Milletler Guramasy bilen bilelikde guramagynda «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek» atly halkara maslahat geçirildi.

***

**12-nji dekabrda** paýtagtymyzda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, Halkara Bitaraplyk güni we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli Halkara forum geçirildi. Oňa dünýä döwletleriniň, halkara we sebit guramalarynyň ýokary derejeli wekiliýetleri gatnaşdylar. Şol gün döwlet Baştutanymyzyň Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin, şeýle hem Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan bilen duşuşyklary boldy.

***

**15-nji dekabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan Bahreýniň Patyşasy Hamad bin Isa Al Halifa we ýurduň ähli halkyna Türkmenistan bilen Bahreýn Patyşalygynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**15-nji dekabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Ekwatorial Gwineýa Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Lusiano Nkogo Ndong Aýekabadan ynanç hatyny kabul etdi.

***

**15-nji dekabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow paýtagtymyzdaky Olimpiýa şäherçesiniň Başa-baş söweş sungaty sport toplumynda halkara sport ýaryşlarynda we ders bäsleşiklerinde baýrakly orunlara mynasyp bolan ýaşlara hem-de olaryň halypa mugallymlaryna, tälimçilerine sylaglary gowşurdy.

***

**16-njy dekabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewe we ýurduň ähli halkyna Gazagystan Respublikasynyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny iberdi.

***

**16-njy dekabrda** paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda Türkmen-awstriýa dostluk toparynyň mejlisi geçirildi. Onda şu ýylyň dowamynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri jemlenildi. Utgaşykly görnüşde geçirilen mejlise türkmen we awstriýa tarapyndan toparyň agzalary gatnaşdylar.

***

**17-nji dekabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Merkezi Aziýa — Ýaponiýa» dialogynyň birinji sammitine gatnaşmak üçin iş sapary bilen Ýaponiýa ugrady. Paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinde döwlet Baştutanymyzy ýurdumyzyň resmi adamlary ugratdylar.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### «YOUNG MESSENGERS OF PEACE»: THE SECOND QUALIFYING GAME OF SEASON V

On December 17, 2025, the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan hosted the II Qualifying Game of the V Season of the intellectual competition «Young Messengers of Peace.»

As is known, the V season of the Intellectual Competition



«Young Messengers of Peace» organized by the School of Young Diplomats, which operates at the institute, was launched in the International Year of Peace and Trust. The next qualifiying game of the season was dedicated to the theme «Neutral Turkmenistan — a Recognized Center of Diplomacy for Peace and Trust.»

Participants of the II qualifying round of the V season of the Intellectual Competition «Young Messengers of Peace» were: Ayhan Arslanov, the 11th grade student of the Saparmyrat Turkmenbashi Specialized Boarding School in



Ashgabat, Dovletgeldi Allanazarov, the 11th grade student of the secondary school № 12 in Ashgabat, Nurana Soyunova, the 10th grade student of the Specialized Secondary School №85 in Ashgabat, Allanazar Parahadov, the 10th grade student of the Secondary School №21 in the Serahs etrap of Ahal velayat, Nurmuhammet Yazmuhammedov, the 11th grade student of the Specialized School №12 with in-depth study of exact and natural sciences in Shatlyk, Oguz Khan etrap of Mary velayat, Merjen Atayeva, the 11th grade student of the specialized school in humanitarian subjects in Mary city, Mary velayat, and Kakajan Shohradov, the 11th grade student of the Secondary School №9 in Sayat, Lebap velayat.

According to the results of the competition, the winners of the game became Ayhan Arslanov, the Saparmyrat Turkmenbashi Specialized Boarding School in Ashgabat, and Kakajan Shohradov, the 11th grade student of the Secondary School №9 in Sayat, Lebap velayat.

The Democratic Party of Turkmenistan and the Magtymguly Youth Organization of Turkmenistan sponsored the II Qualifying Game of the V Season of the Intellectual Competition. The winners and participants of the competition were awarded gifts prepared by the sponsors, as well as the certificates of honour from the institute.

### ПРОВЕДЕНА НАУЧНО-ТВОРЧЕСКАЯ ВСТРЕЧА

17 декабря 2025 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась научно-творческая встреча, посвящённая главе «Oguznama — dünýä baýlygy» из книги Национального Лидера туркменского народа Героя Аркадага «Hakyda göwheri». В научно-творческой встрече приняли участие профессорско-преподавательский состав и студенты нашего вуза.

В ходе встречи были представлены презентации, подготовленные студентами, и заслушаны выступления. Регулярное проведение подобных научно-творческих встреч в Национальной школе туркменской дипломатии играет важную роль в популяризации среди студентов значимости трудов нашего Героя-Аркадага и развитии их профессиональных компетенций.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# TURKMEN-JAPAN RELATIONS: COOPERATION FOR SUSTAINABLE FUTURE

Japan is one of the most developed countries in the world today as well as a country with high economic and technological potential. The Central Asian region, which is a consistently recognized zone of progress, peace and trust, is in the center of attention of the world community. This is evidenced by the multilateral forums of international significance, such as «Central Asia — the European Union», «Central Asia — Italy», «Central Asia — the United States of America» held in 2025.

The Central Asian region today sets a high example of unity, good neighborliness, and comprehensive development for the world. It is obvious that as a result of the joint efforts of the regional states, Central Asia has become more united, stronger, more open for positive cooperation and dialogue, and therefore its influential role in the international arena is also increasing. It is considered a positive space of opportunities, a region that is stable in economic and political terms. In the conditions of changing geopolitical and geoeconomic situations, it is an important task to develop bilateral cooperation between the regional states with distant and neighboring countries. In this regard, the bilateral relations of our Motherland with Japan are exemplary.

Diplomatic relations were established between the two fraternal peoples on April 22, 1992. In 2005, the embassy of Japan were opened in Ashgabat, and in 2013, embassy of Turkmenistan in Tokyo. This contributed to the further development of positive cooperation between the two states in the trade-economic and cultural-humanitarian spheres.

The Turkmen-Japanese Committee for Economic Cooperation deserves special mention. It was established in 1994 between the two countries. The first celebration of the National Days of Turkmenistan among the world's countries at the EXPO — 2025 World Exhibition in Osaka, Japan in April 2025, is also an achievement of Turkmen-Japanese economic cooperation. In 2022, the Days of Japanese Culture were held in Turkmenabat. Active relations have also been established between the two fraternal peoples in the field of science, education and technology.

During the era of the Revival of the New Epoch of the Powerful state, our Motherland has become an eternal place of friendship, brotherhood, prosperity. Today, when we talk about the milestones of our wonderful era, it is important to note the long-term outlook and the reforms that are inspiring the world. Our esteemed President Serdar Berdimuhamedov notes: «We are open to all countries and peoples of the world. We intend to further develop relations with them in the trade-economic, cultural-humanitarian and scientific-educational spheres.» In this regard, the development of Turkmen-Japanese relations is a priority of Turkmenistan's foreign policy. The working visit of our esteemed President to the Japan on December 17 — 19, 2025, opened a new page in bilateral cooperation.

**Hudayberdi ROZYKOV,**
the 4th year student of the
Faculty of International Relations.

# Netijeli dialog meýdançasy

***Parahatçylyk — umumadamzadyň ýaşaýyş şerti. Parahatçylyk diňe bir asuda ýaşaýyş däldir. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly meşhur goşgusynda: «Parahatlyk geljege iň mukaddes mirasdyr, // Ömürleriň manysy söýgi, mähir, yhlasdyr, // Adamzadyň arzuwy abatlyga telwasdyr!» diýen setirleri hem bu hakykaty aýdyň beýan edýär. Biz muňa dekabr aýynda geçirilen «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek» atly halkara maslahatyň, şeýle hem Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna, Halkara Bitaraplyk gününe hem-de ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan halkara forumyň mysalynda hem aýdyň göz ýetirdik.***

### Zenanlar forumy: durnukly ösüşiň bähbidine

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda dünýä jemgyýeti Zenanlaryň ýagdaýy boýunça bütindünýä maslahatynyň we Pekin jarnamasynyň hem-de Hereketleriň platformasynyň kabul edilmeginiň 30 ýyllygyny belleýär. Şeýle hem durnukly ösüş ulgamynda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin gün tertibini durmuşa geçirmegiň we Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmagyň jemleýji tapgyryna gadam basýar. Şunuň bilen baglylykda, 10-njy dekabrda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Türkmenistanyň Hökümetiniň we Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň Birleşen Milletler Guramasy bilen bilelikde guramagynda geçirilen «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek» atly halkara maslahat möhüm ähmiýete eýe boldy. Maslahatyň Jemleýji Resminamasynda degişli ugurlardyr wezipeler kesgitlendi.

Halkara maslahatyň çäklerinde haýyr-sahawat gaznasynyň wise-prezidenti wekiliýet ýolbaşçylary bilen birnäçe ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirdi. Şeýle hem «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň şahamçasynyň açylmagy ynsanperwer ýörelgeleriň dabaralandygyny tassyklady. Maslahat bilen ugurdaşlykda, dürli ugurlarda zenanlaryň zähmetine goýulýan sarpany şöhlelendirýän sergi hem guraldy. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutyndan birnäçe daşary ýurt dillerini bilýän meýletinçi we ýaş wagyzçy talyp ýaşlar hem maslahata gatnaşyp, bu forumyň ýokary guramaçylykly geçirilmegine möhüm goşant goşdular.

### Parahatçylyk we ynanyşmak forumy

12-nji dekabrda paýtagtymyzda geçirilen halkara foruma dünýäniň köp sanly döwletleriniň, iri halkara guramalaryň ýolbaşçylaryny hem-de wekillerini, syýasatçylary, diplomatlary, jemgyýetçilik işgärlerini bir ýere jemlemek bilen, ýurdumyzyň halkara abraýyny has-da belende göterdi. Forum dünýä döwletleriniň netijeli hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga, durnukly parahatçylygyň, ösüşiň bähbidine oňyn Bitaraplygyň mümkinçiliklerini ulanmak babatda täze mehanizmleri işläp taýýarlamaga gönükdirildi.

Maslahatlar merkezinde hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda halkara forumyň açylyş dabarasy hem-de «Parahatçylyk we ynanyşmak: durnukly geljegiň bähbidine maksatlaryň bitewüligi» atly plenar mejlis geçirildi. Döwlet Baştutanymyz Bitaraplygy syýasy we iş ýüzündäki platforma hökmünde peýdalanmagy, Bitaraplygyň tejribe hásiýetini ösdürmek, ylmy-barlag, bilim işini amala aşyrmak üçin BMG bilen hyzmatdaşlykda Parahatçylyk we bitaraplyk uniwersitetini döretmegi teklip etdi.

Halkara forumda Russiýa Federasiýasynyň, Türkiýe Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Gazagystan, Gyrgyz, Täjigistan, Özbegistan, Ermenistan, Yrak Respublikalarynyň, San-Tome we Prinsipi Demokratik Respublikasynyň Prezidentleri, şeýle hem Pakistanyň, Gruziýanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Eswatini Patyşalygynyň, Mýanma Bileleşigi Respublikasynyň Premýer-ministrleri çykyş edip, Türkmenistan bilen umumy abadançylyk ugrunda hemişe hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny tassykladylar.

«Parahatçylyk we ynanyşmak: durnukly geljegiň bähbidine maksatlaryň bitewüligi» atly plenar mejlis türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda dowam etdi. Forumda hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň beýan eden teklipleri goldanyldy. Jemleýji resminama hökmünde Aşgabat Jarnamasy kabul edildi. Bu Jarnama Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanyp, bütin dünýäde parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgelerini ilerletmek, ählumumy howpsuzlygy üpjün etmek boýunça alyp barýan nusgalyk işleriniň giň goldawa eýe bolýandygyny tassyklamak bilen, bilelikdäki tagallalara täze badalga berer.

**Mährijemal ABDULLAÝEWA,**
Halkara gatnaşyklary fakultetiniň
4-nji ýyl talyby.

# Türkmen Bitaraplygynyň taglymaty




Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty öňdebaryjy ylmyň we bilimiň merkezi hökmünde ýurdumyzyň diplomatik ýörelgelerini halkara derejede amala aşyrmaga ukyply hünärmenleri taýýarlamakda möhüm orny eýeleýär. Bu ýokary okuw mekdebi bitaraplyk syýasatynyň çäklerinde halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge ukyply diplomatlary taýýarlamak boýunça möhüm wezipäni ýerine ýetirýär.

***

Türkmen halky üçin Bitaraplyk biziň taryhymyzyň, medeniýetimiziň, ruhumyzyň we milli häsiýetimiziň tebigy dowamydyr.

Türkmenistanyň Bitaraplygy — bu işjeň, ynamly, öz taryhyna we gymmatlyklaryna esaslanýan, şol bir wagtyň özünde halkara jemgyýetçilige doly açyk we hyzmatdaş bolan parahatçylyk syýasatydyr.

***

Parahatçylyk türkmen halkynyň diňe bir saýlap alan ýörelgesi däl, eýsem, müňýyllyklardan bäri kemala gelen ýaşaýyş pelsepesidir. Bu garaýyş ata-babalarymyzyň tebigat, jemgyýet we ynsanperwerlik bilen sazlaşykly gatnaşyklaryndan gözbaş alýar.

***

Häzirki wagtda «bitaraplyk», «öňüni alyş diplomatiýasy», «parahatçylyk», «ösüş» düşünjeleri täzeçe baý mazmuna eýe bolýar. Halkara bileleşigiň sebitiň möhüm wezipelerine ünsüniň çekilmegi hem birbada amala aşyrylmady. Munuň özi, belli bolşy ýaly, ýurdumyzyň halkara syýasat bilen baglanyşykly taryhy ösüşiniň dowamynda kemala gelip, wagtyň geçmegi bilen, ol has-da berkedi.

***

Bitaraplyk biziň doktrinamyzdyr, ol tutuş dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmaga, halklaryň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge çagyrýar, ynsanperwer ýörelgeleri dabaralandyrýar. Bu günki gün Bitaraplygyň türkmen nusgasyna netijeli halkara hyzmatdaşlygyň, bar bolan meselelerdir gapma-garşylyklary parahatçylykly, syýasy-diplomatik ýollar arkaly, gepleşikler stolunyň başynda kadalaşdyrmaga we çözmäge oňyn täsir etmegiň guraly hökmünde garalýar.

**Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabyndan.**

# ÝEWROPA HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYK GEŇEŞINIŇ DOLANDYRYJY DIREKTORY BILEN DUŞUŞYK

2025-nji ýylyň 15-nji dekabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Ýewropa hoşniýetli goňşuçylyk geňeşiniň dolandyryjy direktory (ENC) Samuel Doweri Westerbýunyň hem-de institutyň rektory Gülşat Ýusupowanyň arasynda duşuşyk geçirildi. Oňa Türkmenistanyň Belgiýa Patyşalygyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Sapar Palwanow hem gatnaşdy.



Duşuşygyň esasy maksady Ýewropadaky Merkezi Aziýa boýunça öňdebaryjy merkez bolan Ýewropa hoşniýetli goňşuçylyk geňeşiniň (ENC), Türkmenistanyň energetika, ulag we howpsuzlyk meseleleri boýunça halkara syýasatynyň gidişini we Ýewropa Bileleşigi üçin mümkin bolan hyzmatdaşlyk mümkinçiliklerini hem-de Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen ENC-niň arasynda, ylmy-barlag we analitiki alyş-çalyş arkaly hyzmatdaşlygy ýola goýmakdan ybarat boldy. Onda taraplar esasan energetika, ylym-bilim babatyndaky hyzmatdaşlyk hem-de sebitde howpsuzlyk we parahatçylyk ýaly möhüm ugurlary ara alyp maslahatlaşdylar.

Ylym we bilim hyzmatdaşlygynda bolsa, hünärmenleriň ÝB-däki syýasy-seljeriş işlerine gatnaşmak, gysga möhletli okuw-tejribelik maksatnamalaryny guramak ýaly ugurlar boýunça bilelikdäki mümkinçilikler maslahatlaşyldy.

ÝB bilen köp ýyllaryň dowamyndaky hyzmatdaşlygyň hereket edýän taslamalaryň, maksatnamalaryň, hususan-da, «Ýewropa Bileleşigi — Türkmenistan» bilelikdäki komitetiniň, parlamentara dialogynyň, adam hukuklary boýunça dialogynyň, daşary syýasat edaralarynyň arasyndaky geňeşmeleriň çäklerinde yzygiderli ilerledilýändigi nygtaldy. Duşuşygyň dowamynda gazanylan üstünlikler we geljekki hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri barada pikir alşyldy.

**Şyhdurdy ŞYHYÝEW,**
Halkara gatnaşyklary fakultetiniň
3-nji ýyl talyby.

11-nji dekabrda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň binasynda Türkmenistanyň we San-Tome we Prinsipi Demokratik Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak hakynda Teswirnamana gol çekmek dabarasy geçirildi.




# Yhlasyňa görä ykbal

*Hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda: «Döwrümiz, döwletimiz, günümiz, aýymyz, ýylymyz babatda hemmämizem şol pikirde: niýetiňe görä nesibe, düşünjäňe görä netije, yhlasyňa görä ykbal tapyp bolýar» diýip belleýär. Bu hakykata döwlet Baştutanymyzyň Şa serpaýyny gowşuran pursadynda ýene bir gezek göz ýetirdim. Bu, elbetde, uly buýsanç we jogapkärçilik.*

*Men şu ýyl Russiýa Federasiýasynda geçirilen Maliýe howpsuzlygy boýunça V halkara olimpiadasynda II derejeli diploma mynasyp boldum. Bu bolsa eziz Diýarymyzda ýaşlaryň döwrebap bilim-terbiýe almaklary, kämil düşünjeli, watansöýüji nesiller bolup ýetişmekleri üçin ähli şertleriň döredilýändiginiň aýdyň güwäsidir. Arkadagly Gahryman Serdarymyz: «Belent sepgitler, beýik ösüşler, ilkinji nobatda, ylymly-bilimli nesliň güýji, zehin baýlygy hem-de döredijilik başarnygy bilen berk baglanyşyklydyr» diýmek bilen, ýaş nesliň ylymly-bilimli bolup ýetişmegine aýratyn üns berýär.*

*Biz — talyp ýaşlar hem döredilip berilýän şeýle mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanyp, halkara üstünliklerimiz bilen türkmen tuguny has-da belentde parlatjakdygymyza ynandyrýarys.*

**Orazmyrat SÄHETMYRADOW,**
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.

# Nusga alarlyk şahsyýet

Diplomatiýa diňe bir döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary dolandyrmak däl, eýsem, halklaryň arasynda ynanyşmak, medeniýet alyşmak we parahatçylygy gurmak sungatydyr. Bu ugurda nusga alarlyk şahsyýetleriň biri hem Süleýmenow Oljas Omarowiçdir.

Gazagystanly meşhur şahyr, syýasatçy, türkolog we diplomat Oljas Süleýmenow 1936-njy ýylyň 18-nji maýynda Gazagystanyň Almaty şäherinde dünýä inýär. Ol gazak edebiýatynda öçmejek yz galdyran, rus dilinde özüniň ölmez-ýitmez eserlerini ýazan görnükli şahyr, ýazyjy, edebiýatşynas, türkolog, syýasatçy we ýadro ýaraglaryna garşy hereketiň işjeň agzasy. Onuň döredijiligi we jemgyýetçilik işjeňligi diňe bir Gazagystanda däl, eýsem, tutuş türki dünýäsinde we halkara derejesinde uly täsire eýedir.

Şahyr 2 ýokary okuw jaýyny — Maksim Gorkiý adyndaky Edebiýat institutyny we Gazak döwlet uniwersitetiniň geologiýa fakultetini tamamlaýar. Onuň edebiýata bolan höwesi we bilimi oňa öz döwrüniň iň möhüm meselelerini gozgamaga mümkinçilik berýär. Ol döredijilik ýoluna «Kazahstan Pravdasy» gazetinde işläp başlaýar (1962 — 1971-nji ýyllar). Onuň ilkinji edebi eserleri okyjylar jemgyýetçiliginde dessin meşhurlyk gazanýar: «Arg'amak» (1961ý.), «Şöhratly günler» (1963ý.), «Aziýa» (1975ý.).

Ýazyjynyň döredijiliginiň içinden eriş-argaç bolup geçýän ylmy işleri türki halklaryň taryhy, dili we medeniýeti bilen baglanyşyklydyr. Oljas Süleýmenow diňe edebiýat bilen çäklenmän, jemgyýetçilik-syýasy işlerine işjeň gatnaşan şahsyýet hökmünde hem tanalýar. 1983 — 1989-njy ýyllarda Gazagystanyň Ýazyjylar birleşiginiň birinji sekretary we birnäçe ýurtlarda ilçi bolup işleýär.

Süleýmenow 1995-nji ýylda (2002-nji ýyla çenli) Gazagystanyň Italiýa Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi wezipesine bellenilýär we ol bu wezipede wagtynda Italiýa bilen Gazagystanyň arasyndaky medeni, ykdysady we syýasy gatnaşyklary ösdürmäge özüniň saldamly goşandyny goşýar. 1995-nji ýylda ol dünýäniň 22 görnükli akyldarynyň hataryna goşulýar.

**Türkmenistan bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmakda bitiren hyzmatlary**

Gazagystan Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny ykrar eden ilkinji ýurtlaryň biridir. Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 27-nji awgustynda ýola goýuldy. Bu gatnaşyklary ýola goýmakda Oljas Süleýmenowyň şahsy goşandy örän uludyr. Ol iki doganlyk halkyň taryhy, medeni we dil taýdan ýakynlygyny nygtap, hyzmatdaşlygyň esaslaryny berkitmekde bu ugurlara esasy mehanizmleriň biri hökmünde garaýar, bu bolsa diplomatik gatnaşyklarda möhüm syýasy roly ýerine ýetirýär. Çünki, islendik döwlet bilen uzakmöhletleýin gatnaşyklar nazarda tutulsa, hökmany suratda, şol halkyň, milletiň entografiýasyna, folklar döredijiligine, diline, medeniýetine sarpa goýmagy başarmaly. Oljas Süleýmenow hem şu nukdaýnazardan, eziz Watanymyz Türkmenistan bilen ysnyşykly diplomatik gatnaşyklary ýola goýmakda birnäçe işleri amal eden diplomat hökmünde tanalýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky ähli ugurlar bilen bir hatarda, Süleýmenowyň medeniýet we edebiýat arkaly diplomatiýany ösdürmek boýunça tagallasy aýratyn nygtalmaga mynasypdyr. Ol türkmen halkynyň medeni mirasyna uly hormat goýup, Magtymguly Pyragynyň döredijiligini ýokary derejede bahalandyrýar. Hormatly ilçi özüniň bir çykyşynda şeýle belläp geçýär: «Magtymguly Pyragy diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, bütin türki dünýäniň beýik akyldarydyr». Bu sözler onuň Gündogaryň beýik söz ussady Magtymguly Pyraga bolan hormatyny we diplomatiýada medeniýetiň ähmiýetini açyk görkezýär. Oljas Süleýmenow diňe bir şahyr we syýasatçy däl, ol halklaryň arasynda ruhy gatnaşygy gurmaga çalşan beýik şahsyýetdir. Onuň sözleri we bitiren işleri ýaş diplomatlara ýol görkeziji bolup hyzmat edýär.

**ÝUNESKO-daky Hemişelik wezipesi**

2000-nji ýyllarda Oljas Süleýmenow Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, Ylym we Medeniýet boýunça guramasy (ÝUNESKO) ýanyndaky Gazagystanyň Hemişelik wekili (ilçisi) wezipesinde işleýär. Bu wezipe onuň diplomatik karýerasynda iň uzak we dowamly işidir. ÝUNESKO-da işlän döwründe ol Gazagystanyň we tutuş türki dünýäsiniň medeni mirasyny halkara derejede wa-



gyz etmekde uly işleri bitirýär. Gazagystanyň taryhy ýadygärliklerini, medeni gymmatlyklaryny goramak we olary ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşmak boýunça birnäçe işleri amala aşyrýar. Şeýle hem ylym-bilim ugurlarynda halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek babatda iş alyp barýar.

Süleýmenowyň ady bu parahatçylyk göreşi bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup, onuň alyp baran işi diplomatik gepleşiklerde uly ynam we hormat bilen garşylandy. Bitiren hyzmatlary nazarda tutulyp, 2024-nji ýylda TÜRKSOÝ tarapyndan «Oljas Süleýmanowyň ýyly» diýlip yglan edildi. Şeýle-de «TÜRKSOÝ-yň aýratyn hyzmat medaly» gowşuryldy.

Oljas Süleýmenowyň aýdan sözleri ýaş diplomatlar üçin ýol görkeziji bolup, diplomatiýanyň ruhy esaslaryny açyp görkezýär:

Diplomatiýa — bu halklaryň ýüregine ýol tapmak sungaty.

Parahatçylyk — diňe bir şertnama däl, ol ynamyň we hormatyň miwesi.

Medeniýeti bilmek — diplomatiýanyň açary.

Dil we edebiýat — halklaryň arasynda köpri bolup biler.

Parahatçylyk üçin göreşmek diplomatyň borjudyr.

Hormat we ynam — diplomatik gatnaşyklaryň esasy.

Halklaryň medeniýetini öwreniň: medeni diplomatiýa ynamyň esasydyr.

Dil bilen köpri guruň: edebiýat halklaryň ýüregine ýol açýar.

Parahatçylygy wagyz ediň: diplomatyň borjy diňe gepleşik däl, eýsem, dünýäde durnuklylygy üpjün etmekdir.

**Gurbanmyrat AŞYROW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 5-nji ýyl talyby.

# KAMERANYŇ TARYHYNDAN

**Kamera häzirki zaman durmuşynyň aýrylmaz bölegi bolup (informasiýa, sungat we ylym ulgamlarynda), dünýäniň dürli künjeklerinden dürli täsinlikleri görkezmekde giňden ulanylýar. Adamlar kameranyň kömegi bilen wakalary, ýüzleri, tebigaty we durmuş pursatlaryny şekil görnüşinde ýazga alýarlar. Emma bu döwrebap enjamyň taryhy örän gadymy döwürlere çenli uzap gidýär. Kameranyň döreýiş taryhy ynsan akylynyň we tehniki ösüşiň üstünlikleriniň beýik mysaly bolup durýar.**

**Kamera diňe bir enjam däl, eýsem, taryh üçin wakalary saklaýan guraldyr. Bu makalada biz kameranyň taryhy we häzirki sanly kameralar hakda giňişleýin gürrüň ederis.**

**Kameranyň taryhy «camera obscura» («gara otag») düşünjesi bilen baglanyşyklydyr. Gadymy grek filosofy Aristotel kameranyň ilkinji düşünjesini öňe sürüpdir. Ol bu ideýany şekilleriň «gara otagyň» diwara düşýändigini göz öňüne getirip düşündiripdir. Ibn al-Haýtham (Alhazen) «Optika» (XI asyr) kitabynda ýagtylygyň göni çyzygynyň ýörelgesini düşündirip, «gara otag» arkaly şekili döretmegiň mümkindigi barada ýazypdyr. Şonuň bilen ol häzirki zaman optikasynyň we fotografiýanyň esasyny goýupdyr, şeýle-de «camera obscura» düşünjesini ylmy taýdan düşündiripdir. Ibn al-Haýtham bu enjamyň ýagtylygyň göni ýa-da tersine ýazga düşürmek işini ýerine ýetirip, kameranyň ilkinji nazary esaslaryny goýupdyr. «Camera obscura» enjamynyň kömegi bilen suratlar tersine düşürilipdir. Bu enjam diňe şekil görkezipdir.**

**XIX asyryň ortalarynda ilkinji suratlaryň düşürilmeginde uly ösüşler gazanylýar. 1826-njy ýylda Josep Nikefore Niepke ilkinji suratyň şekilini düşürdi. Ol «heliografiýa» usulyny oýlap tapyp, metaldan taýýarlanan plastinkada şekil düşürmegiň hötdesinden gelipdir. Louis Daguerre Niepke bilen hyzmatdaşlykda 1839-njy ýylda «daguerreotype» diýlip atlandyrylýan täze usuly oýlap tapýar. Bu usulda kümüş bilen örtülen mis plastinka ulanylyp, ýagtylygyň täsiri arkaly şekil has takyk görnüşde bolupdyr. Şol ýyl Fransiýanyň Ylymlar akademiýasy bu usuly resmi taýdan dünýä äşgär etdi. Şeýlelikde, surata düşürmegiň täze eýýamy başlanýar. Bu usul suratçylar üçin täze mümkinçilikleri döretdi. Ilkinji suratlary düşürmek üçin birnäçe sagat gerek bolupdyr. Şol wagtlar suratlary düşürmek şol ugurda meşgullanýan adamlaryň öran köp wagtyny alypdyr. Häzirki wagtda bolsa suratlary düşürmek üçin bary-ýogy birnäçe sekunt gerek bolup durýar.**

**1888-nji ýylda Jorj Istman «Kodak» atly el kamerasyny döredýär. Bu kamera filmleri surata düşürmek üçin niýetlenen kameralaryň täze ugurlaryna ýol açdy. Kodak kameralary suratlary film boýunça düşürmegi aňsatlaşdyrdy. Bu döwürde filmli kameralar giňden ýaýrap, amatly we has elýeterli bolmak bilen, surata düşürmegiň ilat arasynda giňden kabul edilmegine mümkinçilik berdi. Kodak kamerasy 1900-nji ýylda diňe bir surat şekilleri üçin däl, eýsem, telewideniýede we film institutlarynda hem öz ornuny tapdy. Ilkinji kodak kamerasy 100 sany suraty düşürmek üçin niýetlenipdir.**

**Begençgeldi GUWANJOW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 2-nji ýyl talyby.

Parahatçylyk — diňe bir şertnama däl, ol ynamyň we hormatyň miwesi.

**Oljas SÜLEÝMANOW.**

Hormat we ynam — diplomatik gatnaşyklaryň esasy.

**Oljas SÜLEÝMANOW.**

# ADAM NÄME BILEN DIRI



L.N.Tolstoý



**Lew Nikolaýewiç Tolstoý**

(1828 — 1910)

Görnükli rus ýazyjysy. Onuň meşhur «Uruş we parahatçylyk», «Anna Karenina», «Kazaklar» ýaly eserleri dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna girendir. Ýazyjynyň eserleri turuwbaşdan ynsanperwer ideýalara ýugrulandyr.

I

Bir ädikçi maşgalasy bilen bir baýyň jaýynda kireýine ýaşardy. Onuň özbaşyna ne jaýy, ne-de ýeri bardy. Ol maşgalasyny ädik tikip ekleýärdi. Çörek gymmat, çekilen zähmediň bahasy bolsa arzandy. Gazanany zordan bokurdaga ýetýärdi. Aýaly bilen gezekleşip geýýän ýeke-täk köne possuny hem halys şylha dönüpdi. Ädikçi eýýäm iki ýyl bäri täze possun edinmegiň kül-külüne düşüpdi.

Güýze çenli ädikçi aňyrsyna az-owlak pul atyp bildi. Onuň aýalynyň sandygynda üç rubl bardy, şeýle hem obadaky algydarlaryndan bäş rubl ýigrimi köpük almalydy.

Ädikçi säher bilen possun satyn almak üçin oba gitmäge şaýyny tutdy. Egnine pagta köýnegini, aýalynyň gursakçasyny, oň üstündenem mawut kaftanyny geýdi. Üç rubluny, taýagny alyp, ertirligini edinip ýola düşdi. Ol ýol boýy: «Obadakylardan bäş rubly alsam, özümdäki üç rublam üstüne goşsam, possun üçin deri alaryn» diýip oýlanyp barýardy.

Ädikçi oba gelip, aldygarlarynyň biriniň öýüne baranda onuň öýde ýokdugyny gördi. Onuň aýaly ýanyndan onça puluň çykmajakdygyny, boldugyndan hepdäniň dowamynda ugratjakdygyny aýtdy.

Ikinji algydary hem pulunyň ýokdugyny aýdyp, diňe ädikçiniň bejeren ädikleri üçin bary-ýogy ýigrimi köpük berdi. Çäresiz ädikçi derini karzyna almagy ýüregine düwdi. Emma satyjy:

— Ilki puluňy getir, soň isläniňi saýlada ötägit. Ýogsam, biz karzyna alyp, soňundanam ýitirim bolýanlary kän gördük — diýip, nesýe söwdadan ýüz öwürdi.

Şeýdibem, ädikçi diňe ýigrimi köpük, birem deri örtmek üçin köne keçe ädik alyp geldi diýmeseň, hiç bir iş bitirip bilmän yzyna dolandy.

Semýonyň ýüregi darykdy. Ol bolanja pulyny hem içgä berip, possunsyz galdy. Irden ädikçi üçin howa aýazly ýalydy, emma gaýdyşyn serhoş bolansoň possunsyzam üşänokdy.

Ädikçi ýolboýy bir elindäki taýagy bilen doňan topragy tyrkyldadyp, beýleki eli bilen bolsa bejermek üçin alyp gaýdan ädiklerini galgadyp zordan ýöräp barşyna öz-özi bilen gürleşýärdi:

— Men possunsyzam üşämok ahyry. Bir käse içdim, ýylylyk tutuş damarlaryma siňdi. Bar zat unudyldy. Gör men nähili adam! Maňa näme? Men possunsyzam ýaşaýan. Onuň maňa ýüz ýyldanam geregi ýok. Ýöne keýwany alada edýär. Birem näme diýsene, sen-ä adamlar üçin zähmet çekýäň, olar bolsa seni aldaýar. Ýöne senjagaz dur bakaly! Ýene puluňy bermeseň, seniň telpegiňe çenli sypyraryn, Taňry şaýat, diýenim diýenimdir. Her gezek ýigrimi köpük berýär. Ýigrimi köpük näme iş bitirýär? Içýäň boldy. Ýetirinibilenokmyş?! Saňa gerek zat maňa gerek dälmi? Seniň öýüň bar, mal-garaň bar, a meniň welin diňe zähmetim bar. Her hepde maňa diňe çörek üçin üç rubl gerek. Öýe barsaň eýýäm çöregem dynandyr. Onuň üçinem ýene ýarym rubl tapmaly. Sen bir meniň hakymy berd-ä!

Eýýäm iňrik garalyp ugrapdy. Şeýdip barşyna ädikçi ýoluň ugrundaky ybadathananyň golaýyna ýetdi. Birdenem ybadathananyň arka tarapynda ak bir zada gözi düşdi. Ol siňe seretse-de, bu närsäniň nämedigini saýgaryp bilmedi: «Ol zat nämekä? Bu ýerde beýle daş-a ýokdy. Doňuz? Ýok, doňuza meňzänok. Ak bir zat öz-ä. Kellesi adamada çalym etmän duranok. Ýöne bu ýerde adamyň nä köri bar?».

Ol bu närsä tarap golaýladygy saýy, bar zat aýdyň göründi. Hakyt gudrat: ybadathananyň diwaryna ýassanyp, çuw ýalaňaç, ses-sedasyz bir ynsan otyr. Onuň diri ýa ölüdigini saýgarmak kyndy. Ädikçi howsala düşdi: «Belki bir bendäni öldürip, soňam ýalaňaçlap taşlap gidendirler?!».

Ädikçi oňa gaty golaý barman geçip gideni kem görmedi. Ol ýöredigi saýy adamyň garasy ýitip ugrady. Birdenem yzyna seretse, ol ynsan ädikçä tarap seredýän ýaly boldy. Ädikçi has hem howatyrlandy: «Ýanyna barsam, ýok ýerden özüme bela satyn alaýarmykam? Kim ol? Nähili adam? A birden üstüňe münägedän bogazyňa ýapyşsa nätjek? A birden hiç zat etmese? Baryp näme etjek, ol çyplak ahyry? Öz geýimlerimi bereýinmi?! Bor-la, Hudaýyň özi kömek etsin!»

Şeýdip ädikçi ädimlerini çaltlandyrdy. Ybadathanadan daşlaşyp ugradygysaýy bolsa, wyždany oňa ýöremäge rugsat bermedi:

— Semýon, sen näme edýärsiň? Bu bendäniň başyna ne külpetler gelipdir, näme bela inipdir habaryň ýok. Sen bolsa kömek etmäge derek gorkup, onuň deňinden geçip barýarsyň. Sen näme beýle baýadyňmy?! Ýa seni talarlar öýdýärmiň?! Ýok, Semýon, beýtmek dogry däl!

Semýon yzyna öwrülip ol adama tarap ýöredi.

**Terjime eden Yhlas HALLYÝEW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
3-nji ýyl talyby.

# Gargalar...

Gargalaryň uçup gelmegi howanyň sowamagynyň alamatydyr!

Howanyň sowap başlamagy gyş paslynyň gelýändigidir. Gyş paslynyň gelmegi bolsa, gyş aýlaryndaky bellenilýän baýramçylyklary ýatladyp, göwnleri şatlykdan doldurýar.

Howanyň sowamagy bilen duş gelmek bolýan hadysalaryň biri hem gargalaryň sürülenişip uçup gelmekleridir. Ýylyň häzirki wagty öz ýaşaýan şäherlerimizdäki, obalarymyzdaky jaýlaryň ýokarlaryna ýa-da agaçlaryň şahalaryna seredip görenimizde, üýşüp oturan gargalaryň sürüsini görüp bileris. Megerem, käbir adamlary olaryň gündeki aladalary, meşgullyklary gurşap, bu hadysa üns bermeýänleri hem bardyr, emma bu hadysa aram we sowuk klimatly ýurtlarda her ýyl bolup geçýär.

Kiçi ýaşlylaryň: «Gargalar nireden gelýär we nirä barýarlar?» diýen sowaly bermegi tebigy ýagdaýdyr.

Dünýäniň iň akylly guşy hasap edilýän gargalar gyş paslynyň golaýlaýandygynyň habarçylarydyr. Gargalar gyş paslynyň gelmegi bilen bölek-bölek topar gurap, ýyly ýurtlardan sowuk ýurtlara göçýärler. Olar hiç haçan uzak wagtlap belli bir ýerde ýaşamaýarlar. Göçüp-gonup ýörýärler, hatda ýaşajak ýerlerini hem uçup barýarkalar kesgitleýärler. Haýsy ýer sowuk, nirede gar bolsa şol ýerde hem düşleýärler. Howa maýlap başlanda, sowuk ülkelere tarap ýollaryny dowam etdirýärler. Göçüp-gonup, gyşlaýan ýerlerini hemişelik ýatda saklaýarlar. Käbir toparlarynyň öz mekanlarynda hemişelik ýaşaýanlary-da bar.

Gargalaryň dürlüçe atlandyrylyşy bar. Ýagny, flores gargasy, käşirçi garga, balykçy garga, alagarga ýaly 40 töweregi görnüşi ýaşaýar. Gargalaryň ähli görnüşi göçüp-gonup bilmeýär. Esasan hem, Afrikada we Aziýada duş gelýän gargalar öýüni taşlap gitmeýärler. Amerikan gargasy we ýewropaly alagarga ähli ýurtlara aýlanýan esasy «syýahatçylar» hasaplanylýar. Iýmitlenmek üçin dürli usullary ulanýan gargalar käşir, kelem, turp ýaly gyş ekinlerine zeper ýetirýändikleri üçin, köp ýerlerde zyýanly jandarlar diýlip hasap edilýär. Emma olaryň adamzada we tebigata ýetirýän peýdalary hem kändir. Bu guşlar, esasan, mör-möjekleri iýip, zyýan berijileriň öňüni alýarlar. Käbir sowuk ýurtlarda zibilleri arassalamakda gargalaryň peýdasy uly.

Sowugy gowy görýän bu guşlaryň agramynyň 10 göteriminden gowragyny ýag gatlagy emele getirýär. Ýag gatlagy aşa sowugy saklap, gyzgynlygy üpjün edýär. Gargalar tebigy gurşawa baglylykda 20 ýyla çenli ýaşaýarlar. Tebigaty öwrenijileriň bellemegine görä gargalar ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň hataryna girmeýärler. Gargalara dünýäniň ähli ýerinde duş gelmek bolýar. Muňa garamazdan, Gawaý gargasynyň ýitip gidendigi, flores gargasynyň sanynyň azalýandygy bellenilýär.



**Artyk BEGENJOW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
I ýyl talyby.

16-njy dekabrda Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň we Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň merkezinde «Türkmen alabaý itlerini ösdürip ýetişdirmek däpleri» atly milli hödürnamanyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilendigi baradaky güwänamanyň gowşurylyş dabarasy boldy.

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

*Baş redaktor*
***Jumaberdi ARTYKOW***

***Baş redaktoryň orunbasarlary:*** *M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.*

***Jogapkär kätip:*** *A.Kaşaňow.*
***Jogapkär kätibiň orunbasary:*** *O.Çaryýarowa.*

***Bölüm müdiri:*** *J.Gurbangylyjowa.*
***Edebi işgärler:*** *A.Ýazweliýew, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.*

***Korrektorlar:*** *A.Döwletowa, B.Baýhanow.*

***Redaksion geňeşiň agzalary:***
*B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa.*

***Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.***

***E-mail:***
***hgi.redaksiya@gmail.com***